TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

# TÜRKMENISTANYŇ DURMUŞ-
# -YKDYSADY ÖSÜŞINIŇ DÖWLET KADALAŞDYRYLYŞY DERSI BOÝUNÇA OKUW MAKSATNAMASY

Ýokary okuw mekdepleriniň ykdysadyýet
ugurlaryna degişli hünärleri üçin

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2011

UOK 342 : 378
T90

**T 90 Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy.** – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.

TDKP № 399, 2011 KBK 67. 99 (2Tü) - 3 ýa 73

© Türkmenistanyň Bilim ministrligi, 2011.

# GIRIŞ

Türkmenistanyň täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanynda durmuşa gönükdirilen ykdysady syýasatynyň esasy maksady türkmen halkynyň ýaşaýyş -durmuş derejesini yzygider ýokarlandyrmakdan ybaratdyr.

Syýasy taýdan Garaşsyzlyk alnandan soň, ýurduň halkynyň durmuş-ykdysady ýagdaýyny ýokary derejede saklamak, dünýäniň beýleki döwletleri bilen durmuş, syýasy, ykdysady, medeni we ruhy ösüş meseleleri boýunça bäsleşige ukyply döwleti berkarar etmek esasy meseleleriň biri bolup durýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň işläp düzen we üstünlikli durmuşa geçirýän «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynyň” esasy maksady ykdysady taýdan bäsleşige ukyply ýurdy döretmekdir. Türkmenistan dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna esaslanyp, ähli möhüm halkara konwensiýalarynyň we şertnamalarynyň gatnaşyjysy bolmak bilen, olaryň ýerine ýetirilmegi üçin ýurduň durmuş-ykdysady ösüşinde döwletiň kadalaşdyryjy roly ýüze çykýar we onuň möhümdigi aýdyň görünýär. Bu meseleleri çözmek döwleti dolandyrmaga ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşyny doly özleşdirýän hünärmenleri taýýarlamaklygy talap edýär. Bu meseläniň çözgüdiniň wajyplygy Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly täze okuw dersiniň girizilmegi bilen doly tassyklanylýar.

Bu ders ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşynyň arçynlyklardan, etraplardan, welaýatlardan, sebitlerden, ykdysadyýetiň pudaklaryndan we olaryň toplumlaryndan başlap tutuş döwlet derejesine çenli öwrenmekligi göz öňünde tutýar. Bu dersde

döwletiň dörän pursadyndan başlap, dünýädäki ösen ýurt derejesine barandan soň hem döwlet kadalaşdyrylyşynyň möhümdigini düýpli öwrenmek maksadalaýyk hasaplanylýar.

Ykdysatçylar bu dersden döwlet kadalaşdyrylyşynyň çäreleriniň ulgamynda tejribe we ylmy taraplary düýpli tapawutlandyryp öwrenerler. Talyplar iş tejribesini we nazaryýet jähtlerini öwrenip, milli ykdysadyýetiň has netijeli ösdürilmegini ylmy taýdan ýokary derejede esaslandyrylmagyny doly özleşdirerler. Onuň esasynda hünärmen bolup yetişen işgärler ykdysady ösüşiň ýokary depginleriniň gazanylmagyna, jemi içerki önümiň absolýut we otnositel artmagy bilen arabaglanyşyklydygyna düýpli göz ýetirerler. Ony üpjün etmek bilen berk baglanyşykly meseläniň ilatyň ähli işe ukyply bölegini iş bilen üpjün etmelidigine doly göz ýetiriler. Ykdysady ösüş birsydyrgyn ösüşe eýe bolanda we ilatyň işe ukyply bölegi iş bilen üpjün bolan ýagdaýynda nyrhlaryň derejesiniň durnuklylygy we milli walýutanyň durnuklylygyny üpjün etmegiň wajypdygyna ylmy taýdan çözgüt taparlar.

Bu ders talyplara milli ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň nazary we amaly esaslaryny doly öwrenmäge mümkinçilik berýär. Ykdysadyýet boýunça dürli hünärlerde okaýan talyplara maýa goýum syýasatyny, onuň ykdysadyýetdäki maksatlaryny, daşary ýurtly maýadarlaryň maýalaryny milli ykdysadyýetimize çekmegiň ýollaryny, olara berilýän ýeňillikleri we olaryň sebäplerini düýpli düşündirmäge mümkinçilik döreýär. Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň ähli ykdysady hünärleri boýunça okaýan talyplary üçin okuw meýilnamalaryna «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» dersiniň ýörite ykdysady ders hökmünde girizilmegi maksadalaýykdyr. Bu okuw dersi boýunça 102 sagat (50 sagat umumy we 52 sagat söhbetdeşlik sapaklary) möçberinde sapaklaryň okadylmagy we ders boýunça ýyllyk işiniň ýerine ýetirilmegi meýilnamalaşdyrylýar. Ýyllyk işleriň mysaly sanawlary her ýyl täzelenip, jogapkär kafedra tarapyndan hödürlenilýär.

## Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde ykdysadyýet ugularyna degişli hünärler üçin «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» dersiniň temalary boýunça sagatlaryň bölünişi

| № | Temalaryň ady | Jemi sagat sany | Şol sanda | |
|---|---|---|---|---|
| | | | umumy okuw | söhbet okuwy |
| 1 | Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda Türkmenistanyň ykdysadyýetini emele getirmekde durmuş-medeni we geosyýasy şertler | 4 | 2 | 2 |
| 2 | Milli ykdysadyýetde döwlet kadalaşdyrylyşynyň nazaryýetiniň we tejribesiniň esaslary | 8 | 4 | 4 |
| 3 | Türkmenistanda durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň kemala gelmeginiň we ösdürilmeginiň ileri tutmalary | 8 | 4 | 4 |
| 4 | Türkmenistanda durmuşa geçirilýän häzirki zaman makroykdysady kadalaşdyryş çäreleriniň netijeliligi | 8 | 4 | 4 |
| 5 | Türkmenistanyň ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmak işiniň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi | 4 | 2 | 2 |
| 6 | Türkmenistanyň maýa goýum syýasaty | 12 | 6 | 6 |
| 7 | Döwletiň salgyt-býujet syýasaty | 8 | 4 | 4 |
| 8 | Pul dolanyşygynyň we karzyň döwlet kadalaşdyrylyşy | 8 | 4 | 4 |
| 9 | Daşary ykdysady syýasatyň kämilleşdirilmegi | 4 | 2 | 2 |
| 10 | Agrosenagat toplumynyň döwlet kadalaşdyrylyşy | 8 | 4 | 4 |

| № | Temalaryň ady | Umumy sagat sany | Şol sanda | |
|---|---|---|---|---|
| | | | Umumy okuw | söhbet okuwy |
| 11 | Harytlar we hyzmatlar bazaryny düzgünleşdirmek | 4 | 2 | 2 |
| 12 | Durmuş syýasaty we zähmet gatnaşyklary | 10 | 4 | 6 |
| 13 | Ykdysadyýetiň hususy ulgamynyň döwlet kadalaşdyrylyşy we institusional özgertmeler | 8 | 4 | 4 |
| 14 | Sebitler babatda ýöredilýän syýasat | 4 | 2 | 2 |
| 15 | Durmuş şertlerini gowulandyrmaga gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň kemala gelýän şertlerinde döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň öňdebaryjy ýollary | 4 | 2 | 2 |
| | **Jemi** | **102** | **50** | **52** |

## DERSIŇ MAZMUNY

## «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» dersi boýunça sapaklaryň temalary we olaryň mazmuny

### *1-nji tema.* Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda Türkmenistanyň ykdysadyýetini emele getirmekde durmuş-medeni we geosyýasy şertler

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Garaşsyzlygyň täze sepgitlerine ýetmek üçin baş wezipesi – milleti birleşdirip, ruhlandyryp bilýän maksady emele getirmekdir. «Döwlet adam üçindir!» diýen şygaryň düýp manysy. Adam faktory we onuň wezipeleri. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda ýurdumyzda jemgyýetiň we döwletiň gymmatly hazynasy adamdyr. Türkmen halkyna ýokary derejeli zähmetsöýerlik mahsusdyr. Türkmenistanda bilim we ylym durmuş syýasatynyň iň möhüm ugurlarynyň biridir. Umumymilli «Saglyk» maksatnamasy. Milletiň beden, ruhy we medeni taýdan ösüşi – ykdysady özgertmeleriň binýadydyr. Türkmenistanyň dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen Bitaraplygynyň hukuk ýagdaýy. Türkmenistan ähli möhüm halkara konwensiýalarynyň we şertnamalarynyň işjeň gatnaşyjysydyr. Çäginden Beýik Ýüpek ýoly geçen Türkmenistan asmanyň astyndaky müzeýdir. «Açyk gapylar» syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmäge itergi berýän faktorlar.

## *2-nji tema.* Milli ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň nazaryýetiniň we tejribesiniň esaslary

Bazar ykdysadyýetine geçilende milli ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynda ykdysady nazaryýetiň ähmiýeti. Merkantilizm – ykdysady nazaryýetiň ilkinji mekdebidir. Irki we giçki merkantilizm. Fiziokratlar we olaryň ykdysady garaýyşlary. Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň nazaryýetiniň zerurlygyny esaslandyryjy J.M.Keýnsdir. Neoliberalizmiň ykdysady syýasaty. Monetarizm makroykdysady nazaryýeti. «Ykdysady teklip» nazaryýeti. Häzirki zaman döwlet kadalaşdyrylyşynyň nazaryýet jähtleri. Ykdysadyýeti döwlet kadalaşdyrylyşynyň maksatlary, wezipeleri, gurallary we usullary. Döwletiň roly we wezipesi.

## *3-nji tema.* Türkmenistanda durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň kemala gelmeginiň we ösdürilmeginiň ileri tutmalary

Durmuşa gönükdirilen garyşyk görnüşli bazar ykdysadyýetiniň manysy we ýüze çykmagynyň görnüşleri. Durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýeti bazar ykdysadyýetiniň has ösen görnüşidir. Häzirki zaman bazar ykdysadyýetini durmuşa ornaşdyrmaklygyň derejesindäki tapawutlyklar onuň milli nusgalaryny emele getirýär. Ykdysady ulgamlar we olaryň ösüşine täsir edýän faktorlar hem-de olaryň umumy häsiýetleri. Amerikan nusgasy – «liberal nusga». Ýapon nusgasy we onuň esasy häsiýetleri. German ýa-da kontinental nusganyň aýratynlyklary. Şwed ýa-da Skandinaw nusgasynyň tapawutlandyryjy aýratynlyklary. Täze peýda bolan Aziýa we Latyn Amerikasy ykdysady nusgalary we olaryň tebigy geografiki, demografiki we beýleki mahsus alamatlary.

Durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň manysy we ony emele getirmegiň esasy ýörelgeleri. Döwletiň strategiýasynyň geljekde başga ýagdaýa geçmeginiň ugurlary we döwletiň wezipeleri. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüş nusgasynyň alamatlary. Hojalygy ýöretmegiň üýtgeýän döwründe Türkmenistanyň ykdysady syýasaty we durmuşa gönükdirilen ösüşiň şertleri. Garyşyk görnüşli durmuşa gönükdirilen ykdysadyýeti döretmek boýun-

ça Türkmenistanyň nusgasynyň ahyrky maksady, aýratynlyklary, ugurlary, mümkinçilikleri we tapgyrlary. Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň durmuşa gönükdirilişi. Adam kapitalyny yzygiderli kämilleşdirmek.

### *4-nji tema.* Türkmenistanda durmuşa geçirilýän häzirki zaman makroykdysady kadalaşdyrylyş çäreleriniň netijeliligi

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň häzirki ýagdaýy we geljekki ösüşiniň esasy ugurlary. Türkmenistanda amala aşyrylýan ykdysady doktrinanyň ýokary netijeliliginiň aýdyň görkezijisi öndürilýän milli önümiň möçberiniň yzygiderli we durnukly ösmegidir.

Türkmenistanyň JIÖ-niň pudaklar boýunça düzümi. Ykdysadyýetiň pudaklarynyň ösüş depgini Türkmenistanyň durmuş-ykdysady taýdan ösmeginiň möhüm şertidir.

Türkmenistanyň ykdysadyýetini maliýe taýdan üpjün etmekde güýçli döwletiň bolmagynyň ähmiýeti. Türkmenistan milli ykdysadyýetiň berk binýadyny şertlendirýän ägirt uly hem köptaraply mümkinçiliklerine eýedir. Ýurduň sazlaşykly we durnukly ösmegini üpjün edýän esasy binýatlaýyn wezipeler. Döwleti makroykdysady düzgünleşdirmegiň zerurlygy. Geçiş döwrüni başdan geçirýän ykdysadyýetde makroykdysady syýasaty üstünlikli durmuşa geçirmekde döwletiň ykdysadyýeti sazlaşdyrmakdaky ornunyň obýektiw sebäpleri. Makroykdysady düzgünleşdirmek işiniň maksady we mazmuny. Makro düzgünleşdirişiň baş maksatlarynyň esasy ugurlary. Türkmenistanda alnyp barylýan makroykdysady taýdan düzgünleşdirmek işiniň mahsus häsiýetleri. Düzgünleşdiriş işiniň serişdeleri we usullary. Döwletiň uzakmöhletleýin maksatlaryny makroykdysady taýdan düzgünleşdiriş işiniň ahyrky maksady halkyň mynasyp ýaşaýşyny üpjün etmekdir. Munuň üçin zerur bolan düýpli şertler.

### *5-nji tema.* Türkmenistanyň ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmak işiniň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi

Bütindünýä çökgünligi şertlerinde Türkmenistanyň amala aşyrýan umumydöwlet syýasy strategiýasy. Ykdysady çökgünli-

ge garşy çäreleri, maslahatlary we teklipleri taýýarlamak boýunça Komissiýanyň düzümi we çökgünlige garşy gönükdirilen çäreleriň esasy ugurlary. Gurluş syýasaty. Gurluş syýasatynyň baş maksady. Institusional özgertmeler we olaryň esasy maksady. Gurluş syýasaty makroykdysady deňagramlykdyr. Türkmenistanyň gurluş syýasatynyň göz öňünde tutýan meseleleri. Innowasiýalar syýasaty. Milli innowasion ulgamy we onuň iki görnüşi: administratiw-buýruk beriji we bazar häsiýetli. Bazar innowasion ulgamynyň esasy häsiýetleri. Türkmenistanyň şertlerinde innowasiýalary ornaşdyrmakda dünýä tejribesini peýdalanmagyň esasy ugurlaryny kesgitlemek.

Senagat we innowasion taýdan ösmegiň ulgamyny saýlap almakdaTürkmenistanyň ugur alýan esasy şertleri. Senagat we innowasion ösüş ulgamyndaky halkara hyzmatdaşlyk.

### *6-njy tema.* **Türkmenistanyň maýa goýum syýasaty**

Ykdysadyýetiň ösmeginde maýa goýum syýasatynyň tutýan orny. «Maýa goýum», «Düýpli goýumlar» we «Maliýe goýumlar» düşünjeleriniň tapawutlandyrylyşy. Maýa goýumlaryny maliýeleşdirmegiň çeşmeleri. Maýa goýum syýasatynyň esasy ýörelgeleri, maksatlary we meseleleri. Maýa goýum işiniň ileri tutulýan ugurlary. Daşary ýurt maýalaryny çekmegiň usullary. Ykdysadyýetiň döwrebaplaşdyrylmagyny üpjün edýän üç ugra maýalary gönükdirmek. Maýa goýum syýasaty. Maýa goýum syýasatyny amala aşyrmagyň mehanizmleri. Daşary ýurtly maýadarlaryň hukuklary we borçlary. Daşary ýurtly maýadarlara berilýän ýeňillikler we aýratyn hukuklar. Daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky kärhanalaryň resmi taýdan döwlet belligine alynmagynyň tertibi. «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň umumy mazmuny. Häzirki wagtda ýurtda alnyp barylýan iri maýa goýum taslamalary.

### *7-nji tema.* **Döwletiň salgyt-býujet syýasaty**

Döwlet býujeti we salgyt ulgamy. Merkezleşdirilen we ýerli býujetler, olaryň serişdeleriniň gönükdirilýän maksatlary. Býujet klassifikasiýasy. Býujetiň girdejileriniň klassifikasiýasy. Türkmenistanyň

býujetleriniň çykdajylarynyň gönükdirilýän maksatlary boýunça klassifikasiýasy. Salgyt salmagyň esasy ýörelgeleri. Salgytlaryň görnüşleri: göni we gytaklaýyn. Ýygymlar. Türkmenistanyň salgyt-býujet ulgamynyň häzirki zaman ýagdaýy. Türkmenistanda durnuklaşdyryş gaznasynyň döredilmeginiň maksatlary, emele geliş çeşmeleri we ulanylmaly çäreleri.

Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi kanunynda kesgitlenen resminamalary ulanmak, olaryň görkezijilerine düşündiriş bermek, olary doldurmak, degişli taraplara gowşurmak, saklamak we ol resminamalarda görkezilen amallary ýerine ýetirmekligi öwretmek.

## *8-nji tema.* **Pul dolanyşygynyň we karzyň döwlet kadalaşdyrylyşy**

Döwletiň pul-karz ulgamy. Türkmenistanda bank ulgamynyň kanunçylyk esaslary. Merkezi bankyň esasy wezipeleri. Täjirçilik banklarynyň amala aşyrýan esasy amallar toplumy.

Pul dolanyşygyny derňemekde pullaryň dolanyşygynyň tizligini häsiýetlendirýän görkezijiler. Türkmenistanyň bank ulgamynyň ösüşi. Bank ulgamyny ösdürmegiň baş maksatlary. Maksatlara ýetmek üçin çözülmeli esasy wezipeler. Türkmenistanyň bank ulgamyny özgertmegiň esasy strategiki wezipeleri. Häzirki zaman pul-karz syýasatynyň esasy ugurlary. Pul syýasatynyň esasy strategiki maksady. Karz kadalaşdyrylyşy. Karzlaşdyrma degişli adalgalaryň teswirlemesi. Türkmenistanda lizingiň ösüşi. Türkmenistanda gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmegiň 2012–2016-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy.

Ygtyýarlandyrylan banklar tarapyndan hususy kärhanalara, hususy telekeçilere, daýhan hojalyklaryna we oba hojalyk önümlerini öndürijilere-kärendeçilere karz bermegiň tertibi barada Düzgünnamanyň düýp mazmuny. Türkmenistanyň raýatlaryna Aşgabat şäherinde täze gurlan jaýlardan otaglary satyn almak üçin ipoteka karzyny bermegiň tertibi. Türkmenistanyň raýatlaryna täze gurlan jaýlardan otaglary satyn almak üçin ipoteka karzlaryny bermegiň tertibi baradaky Düzgünnama. Döwlet gurluşyk edaralaryna Türkmenistanyň raýatlary üçin ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygyny amala aşyrýanlaryna karz liniýalaryny açmak ýoly bilen karzlary bermegiň tertibi baradaky Düzgünnama.

### *9-njy tema.* Daşary ykdysady syýasatyň kämilleşdirilmegi

Daşary ykdysady syýasatyň manysy. Daşary ykdysady ulgamynda maýanyň gelmegini we ýurtdan çykarylmagyny kadalaşdyrmak döwlet işiniň möhüm ugrudyr. Türkmenistanyň daşary ykdysady işiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Türkmenistanda daşary ykdysady işini kadalaşdyrmagyň predmeti we usullary. Halkara söwdanyň şertleri. Gümrük syýasatyny durmuşa geçirmegiň esasy serişdeleri. Dünýä hojalygynyň globallaşýan şertlerinde Türkmenistanyň ykdysady howpsuzlygy. Türkmenistanda daşary ykdysady işiň guramaçylyk--institusional esasy. Daşary ykdysady syýasatyň ýurduň daşary söwda dolanyşygynyň kämilleşmegine we diwersifikasiýalaşdyrylmagyna ýardam etmegi. Türkmenistanyň dünýä döwletleri bilen söwda gatnaşygy. Eksportyň geografiýasy we onuň esasy ugurlary. Halkara söwdanyň häzirki zaman görnüşleri.

### *10-njy tema.* Agrosenagat toplumynyň döwlet kadalaşdyrylyşy

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň agrar ulgamynyň döwlet kadalaşdyrylyşynyň esasy ugurlary. Agrosenagat önümçiliginiň döwlet goldawy boýunça çäreleri maliýeleşdirmegiň serişdeleriniň çeşmeleri we ulanylýan maksatlary. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň agrosenagat toplumynyň işini düzgünleşdirmegiň guramaçylyk meseleleri. Ýeri kärendesine almak we kärendeçiler. Ýerleri kärendesine bermegiň maksatlary. Kärende şertnamasy. Suwarymly ýerleri we öri meýdanlaryny kärendesine bermek we kärendä almak: taraplaryň maksatlary, wezipeleri, borçlary we hukuklary. Agrar ulgamynda amala aşyrylýan salgyt syýasaty. Salgyt syýasaty umumy döwlet syýasaty bilen bilelikde oba hojalygyny düýpli özgertmegiň, azyk howpsuzlygyny üpjün etmegiň oba ilatynyň sosial-ykdysady we medeni ýagdaýlarynyň gowulanmagynyň düýp özenidir. Agrosenagat toplumynyň sosial we önümçilik infrastrukturasynyň ösüşi.

### *11-nji tema.* Harytlar we hyzmatlar bazaryny düzgünleşdirmek

Hyzmatlar ulgamy. Hyzmatlar jemgyýetiniň döremegi we onuň baş durmuş – ykdysady alamatlary.

Döwlet hyzmatlary ulgamynyň düzümi. Döwlet gulluklarynyň sanawy. Hyzmatlary maliýeleşdirmegiň esasy çeşmeleri. Hyzmatlar ulgamynyň öz içine alýan iki sany esasy düzüm bölegi: a) sosial toplumy; b) tölegli hyzmatlar bazary. Milli ykdysadyýetde bilim hyzmatlar bazarynyň ösüşi. Bilim ulgamynda innowasion çemeleşmeler. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy we onuň bilen baglanyşykly kararlar, düzgünnamalar we beýleki degişli resminamalar. Söwda we jemgyýetçilik iýmiti ulgamlarynyň işiniň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi. Hyzmatlar ulgamynda döwlet düzgünleşdirilişini amala aşyrmagyň esasy ugurlary. Bahasy kadalaşdyrylýan dermanlyk önümleriniň düzümini adamlaryň ömri we saglygy üçin zerur bolan derman serişdeleriniň sanawynyň düzülmegi. Durmuş hyzmatlarynyň bazary we ilata durmuş hyzmatlaryny etmek işiniň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi.

### *12-nji tema.* **Durmuş syýasaty we zähmet gatnaşyklary**

Bazar ykdysadyýetinde durmuş syýasatynyň nazary esaslary. Durmuş syýasaty düşünjesi, onuň wezipeleri, maksatlary hem mazmuny. Durmuş syýasatynyň köpugurlylyk we köpderejelilik syýasaty. Durmuş syýasatynyň ýörelgeleri. Ykdysadyýetde alnyp barylýan girdejiler syýasaty. Häzirki döwürde Türkmenistany durmuş taýdan ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlary. Ykdysadyýetiň ösmeginde durmuş syýasatynyň tutýan orny. Saglygy goraýyş, bedenterbiýe we sport möhüm durmuş wezipelerini ýerine ýetirijilerdir. Durmuş syýasatynyň Türkmenistanda amala aşyrylyşy. Durmuş ulgamyndaky özgertmeler, olaryň esasy maksatlary we çözülmeli meseleler. Türkmenistanda ilaty durmuş taýdan goramak. Bilim we ylym, saglygy goraýyş ulgamynyň ösdürilmegi. Adam ösüşiniň indeksi. Milletiň ruhy hem medeni ösüşi. Syýahatçylyk pudagyndaky ösüşler. Bedenterbiýäniň we sportuň ösdürilmegi. Türkmenistanda ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygynyň ösdürilmegi. Durmuş ulgamyndaky özgertmeler. Zähmet gatnaşyklarynyň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi. Zähmet bazary. Ilatyň iş bilen üpjünçiligini netijeli guramak, işçi güýjüniň hilini ýokarlandyrmak we onuň bäsdeşlik ukybyny artdyrmak. Zähmet gatnaşyklarynyň

hukuk kadalaşdyrylyşy. «Türkmenistanyň Zähmet hakyndaky Kodeksi», «Iş bilen üpjünçilik hakyndaky», «Türkmenistanyň ýaşlar baradaky döwlet syýasaty hakyndaky» Türkmenistanyň kanunlary. Töwerekdäki gurşawyň goragy babatyndaky döwlet kadalaşdyrylyşy. Töwerekdäki gurşawy goramak ulgamynda döwlet syýasatynyň esasy ugurlary. Türkmenistanda Töwerekdäki gurşawyň goragy boýunça hereketiň milli meýilnamasy(TTGGHMM).

### *13-nji tema.* **Ykdysadyýetiň hususy ulgamynyň döwlet kadalaşdyrylyşy we institusional özgertmeler**

Institusional ösüş we emläk gatnaşyklarynyň kämilleşdirilişi. Bazar gatnaşyklaryna geçmegiň türkmen nusgasynyň aýratynlyklary. Türkmenistanda döwlet hususy hyzmatdaşlygy ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlary. Hususy telekeçiligi ösdürmek üçin döwletiň tagallalarynyň esasy ugurlary. Kiçi we orta telekeçilige döwlet goldawyny bermegiň baş ugurlary. Kiçi we orta telekeçiligi ösdürmegiň maksatlary we olary amala aşyrmak üçin çözülmeli meseleler. Tehnopark, biznes-inkubatorlar, wençur gaznasy we beýlekiler. Döwlet eýeçiligindäki kärhanalary eýeçiligiň beýleki görnüşlerine geçirmek. Kärende we onuň görnüşleri. Türkmenistandaky hojalyk guramalaryny döwlet belligine aldyrmak üçin tabşyrylýan resminamalaryň sanawy. Türkmenistandaky hususy kärhanalary döwlet belligine aldyrmak üçin tabşyrylýan resminamalaryň sanawy. Döwlet eýeçiligindäki emlägiň hususylaşdyrylyşy we kärendesine berlişi. Salgy satuwy ýoly bilen hususylaşdyrylan binany satyn almak isleýän dalaşgärleriň hödürlemeli resminamalary. Hususylaşdyrylan binany auksionyň üsti bilen satyn almak isleýän dalaşgärleriň hödürlemeli resminamalary. Hususylaşdyrylan binany maýa goýum bäsleşigine gatnaşmak bilen satyn almak isleýän dalaşgäriň (fiziki we ýuridiki tarap üçin) hödürlemeli resminamalary. Ozal uzakmöhletleýin kärende esasynda ulanylan ýaşalmaýan binany satyn almak isleýän dalaşgär tarapyndan hödürlenilmeli resminamalar. Döwlet emlägini kärendä almak üçin berilýän, bellige alynmak üçin hödürlenilýän resminamalar.

### *14-nji tema.* Sebitler babatda ýöredilýän syýasat

Sebitler babatyndaky döwlet syýasatynyň düýp özeni we maksatlary. Türkmenistanyň sebitler babatyndaky syýasatynyň esasy ugurlary. Sebitler babatynda ýöredilýän kanunçylyk-hukuk esaslary. Türkmenistanyň sebitler babatyndaky syýasatynyň esasy maksady. Türkmenistanyň Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2008–2012-nji ýyllar üçin konsepsiýasy.

Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda sebitleri ösdürmegiň ugurlary.

Aşgabat şäheriniň administratiw-hukuk statusy. Ahal welaýatynyň ösüşiniň sebitleýin aýratynlyklary. Balkan welaýatynyň ösüşiniň sebitleýin aýratynlyklary. Daşoguz welaýatynyň ösüşiniň sebitleýin aýratynlyklary. Lebap welaýatynyň ösüşiniň sebitleýin aýratynlyklary. Mary welaýatynyň ösüşiniň sebitleýin aýratynlyklary.

### *15-nji tema.* Durmuş şertlerini gowulandyrmaga gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň kemala gelýän şertlerinde döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň öňdebaryjy ýollary

Döwletiň ileri tutýan ugurlarynyň strategiki meýilnamalaşdyrylyşy. Strategiki meýilnamalaşdyrylyşyň aýratynlyklary. Durmuş-ykdysady ulgamyň ösüşiniň strategiki meýilnamalaşdyrylyşynyň esasy ugurlary. Strategiýany işläp taýýarlamagyň üç tapgyry.

Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy. Milli maksatnamada ileri tutulýan ugurlar.

Döwlet maksatnamalary. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň sosial-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy. Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2008–2012-nji ýyllar üçin konsepsiýasy. Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy.

Çaklaýşyň nazary (teoretiki) jähtleri. Çaklamalaryň taýýarlanyş nusgalary. Bazar şertlerinde dolandyryş çözgütlerini kabul etmegiň ylmy şertlerini kemala getirmek çaklaýşyň esasy wezipesidir. Çaklaýyşda ulanylýan ykdysady-matematiki modeller. Isleg faktorlaryny ulanmak bilen Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüşini modelirlemegiň ugurlary. Gysga we orta möhletleýin çaklaýyşlaryň beýany.

Düzüjiler: *P.N.Agamyradow,*
*A. Annaorazow,*
*Ç.M. Şallyýew.*

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Eserler ýygyndysy. Aşgabat, 2007.

5. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehaly. Aşgabat, 2007.

6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007.

7. *Gurbanguly Berdimuhamedow* – Halkyň saýlany we ynam bildireni. Aşgabat, 2007.

8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Täze Galkynyş eýýamy: wakalaryň senenamasy. 2007 ýyl. Aşgabat, 2008.

9. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. Aşgabat, 2008.

10. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. Aşgabat, 2008.

11. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 3-nji tom. Aşgabat, 2008.

12. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet adam űçindir. Aşgabat, 2008.

13. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. Aşgabat. TDNG, 2010.

14. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. II tom. Aşgabat. TDNG, 2010.

15. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. Aşgabat, TDNG, 2010.

16. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ýylyň maý aýy), «Türkmenistan» gazeti, 2010-njy ýylyň 15-nji maýy.

17. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.

18. Ata arzuwyny amala aşyrýan Agtyk. Aşgabat, 2009.

19. Türkmenistanda nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Baş ugry Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2006.

20. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.

21. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy». Aşgabat, 2010.

22. Türkmenistanda hususylaşdyrmagyň döwlet maksatnamasy. «Türkmenistan» gazeti, 1994-nji ýylyň 12-nji oktýabry. Aşgabat, 2010.

23. Türkmenistanda gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmegiň 2012-2016-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy. Aşgabat, 2011.

24. Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin döwlet maksatnamasy. Aşgabat, 2011.

25. Türkmenistanyň 2030-njy ýyla çenli durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy görkezijileri. Aşgabat. TDNG, 2009.

26. «Walýuta operasiýalaryny düzgünleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 1993-nji ýylyň 30-njy oktýabry.

27. «Telekeçilik işi hakynda» Türkmenistanyň kanuny, 1993.

28. «Erkin telekeçiligiň ykdysadý zonasy hakynda» Türkmenistanyň kanuny. 1993.

29. «Eýeçilik hakynda» Türkmenistanyň kanuny. 1993.

30. «Haryt çigmal biržalary hakynda», Türkmenistanyň kanuny. 1994.

31. «Türkmenistanda gymmatly kagyzlar we fond biržalary hakynda» Türkmenistanyň kanuny. 1994.

32. «Býujet sistemasy hakynda» Türkmenistanyň kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 1996-njy ýylyň 11-nji iýuly.

33. «Eýeçiligi döwletiň garamagyndan aýyrmak we hususylaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň kanuny, (täze redaksiýada). «Türkmenistan» gazeti, 1997-nji ýylyň 30-njy iýuny.

34. «Paýdarlar jemgyýetleri hakynda» Türkmenistanyň kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 1999-njy ýylyň 26-njy noýabry.
35. «Kärhanalar hakynda», Türkmenistanyň kanuny. 2000.
36. «Ýer hakynda» Türkmenistanyň bitewi kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 2004-nji ýylyň 30-njy oktýabry.
37. «Suw hakynda» Türkmenistanyň bitewi kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 2004-nji ýylyň 30-njy oktýabry.
38. «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň bitewi kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 2007-nji ýylyň 19-njy marty.
39. «Daýhan hojalygy hakynda» Türkmenistanyň kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 2007-nji ýylyň 31-nji marty.
40. «Daýhan birleşikleri hakynda» Türkmenistanyň kanuny, «Türkmenistan» gazeti, 2007-nji ýylyň 31-nji marty.
41. «Arçynlar hakynda» Türkmenistanyň kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 2007-nji ýylyň 31-nji marty.
42. «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakynda», Türkmenistanyň kanuny, 2008.
43. «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda» (täze redaksiýada), Türkmenistanyň kanuny, 2008.
44. «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda», Türkmenistanyň kanuny, 2009.
45. Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi kanuny. Aşgabat, 2008. 2009-njy ýylyň aprel aýynyň 29-yna çenli girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen bilelikde.
46. Türkmenistanyň «Zähmet hakynda» Bitewi kanuny, 2009.
47. «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», Türkmenistanyň kanuny. 2011.
48. «Karz edaralary we bank işi hakynda», Türkmenistanyň kanuny, 2011.
49. «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagy hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary. «Türkmenistan» gazeti, 2007-nji ýylyň 23-nji iýuly.
50. Türkmenistanda döwlet ýokary hünär bilim edaralary hakynda Düzgünnama, 2011.
51. «Bilim hakynda» Türkmenistanyň kanuny, 2009.
52. www.türkmenistan.gov.tm/_ru/laws/.
53. www.economy.gov.tm/maksatnama/html/

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

# TÜRKMENISTANYŇ DURMUŞ-YKDYSADY ÖSÜŞINIŇ DÖWLET KADALAŞDYRYLYŞY DERSI BOÝUNÇA OKUW MAKSATNAMASY

Ýokary okuw mekdepleriniň ykdysadyýet ugurlaryna degişli hünärleri üçin


| | |
|---|---|
| Redaktor | *A. Aşyrowa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh.redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |

Çap etmäge rugsat edildi 21.12.2011. Möçberi 60x90$^{1}/_{16}$. Ofset kagyzy. Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 1,25. Şertli-reňkli ottiski 1,44. Hasap-neşir listi 0,64. Çap listi 1,25. Sargyt № 199. Sany 1 000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň
«Türkmenmetbugatüpjünçilik» maddy-tehniki üpjünçilik kärhanasy.
Aşgabat ş., Hasanow geçelgesi, 16.